От Народа Японии

Полноправные люди.
Устойчивые страны.



# IŞ GÜRRÜŇDEŞLIGINDEN NÄDIP ÜSTÜNLIKLI GEÇMELI

Gutlaýarys!  Sizi iş beriji gürrüňdeşlige çagyrdy.  Siz iş bilen bagly goýan maksadyňyza gowy ýakynlaşdyňyz.

Bu gürrüňdeşligi iş beriji siziň tejribäňizi, bilimiňizi, başarnyklaryňyzy öwrenmek, ýagny, siz bilen tanyşmak üçin geçirýär.

Siziň iş gözlemekde baý tejribäňiz bolsa-da, her täze iş gürrüňdeşlige öňünden taýýarlanmagyňyzy maslahat berýäris.

Aşakdaky maslahatlar size gürrüňdeşligi üstünlikli geçmägä ýardam berer:

- bellenen wagtdan 15 minut öň barmak;
- ýerlikli geýinmek;
- hoşamaý, özüne çekiji bolmak;
- işe höwesjeňligiňizi görekezmek;
- dartgynly ýagdaýa çydamlydygyňyzy görkezmek;
- tutanýerligiňizi görkezmek;
- jogapkärçilikligiňizi görkezmek.

Biz size özüniz barada gowy täsir galdyrmak üçin aşakda birnäçe maslahatlary jemledik.  Ýagny,

1. <u>Duşuşyga taýýarlyk görüň</u>. Duşuşykdan öň kompaniýa barada has giňişleýin maglumat gözläň. Ol siziň bu ýerde işlemäge gyzyklanýandygyňyzy görkezer. Iş berijiler muňa ýokary baha berýändir.

2. <u>Wagtynda geliň</u>. Gürrüňdeşlige gija galmaly däl. Bu düzgüni hemmeler bilýär we muňa garamazdan, kä halatlarda dürli sebäpler boýunça gijä galýarlar.

3. Ýerlikli geýiniň. Elbetde, daşky görnüş esasy zat däldir, ýöne gürrüňdeşlikde siziň daşky sypatyňyza we hereketleriňize üns berilýär. Biz size resmi geýinmegi maslahat berýäris.

4. Telefonyňyzy bir gyra goýuň we sessiz ýagdaýa geçiriň. Ähli duşuşyklar üçin bu düzgüni berjaý ediň. Gürüňdeşligiň dowamynda telefona ünsüni sowýan adam iş bilen gyzyklanmaýandygyny görkezýär.

5. Sypaýy boluň. Gürrüňdeşlige baranyňyzda, gapydan gireniňizden sizi synlap, baha berip başlaýandyrlar.

6. Iş berijiniň aýdýanlaryny üns bilen diňläň, sözüni bölmäň. Bu "wagtynda gelmek" ýaly ýönekeý we düşnükli düzgün bolsa-da, köplenç ýatdan çykarylýar. Iş beriji adatça gürrüňdeşlige taýýar bolýar, onuň dalaşgärlere kompaniýa we iş şertleri barada aýtmaly standart maglumatlary bardyr. Ony üns bilen diňlemegiňizi maslahat berýäris.

7. Dogruçyl boluň. Öňki işlän ýeriňizde ýakymsyz ýagdaýlar bolan bolsa we şolar barada soralananda, dogruçyl boluň, emma şol sanda öňki iş berijini ya-da iş ýeriňizi ýamanlamakdan saklanyň.

Bu düzgünleri ýerine ýetirseňiz siz iş berijini gyzyklandyryp biljegiňize biz ynanýarys.

Bu maglumat Size peýdaly boldumy?

Hawa Ýok

#mendowrebap #modern #вногусовременем #turkmenistan #turkmen #ahal #ashgabat #mary #lebap #balkan #dashoguz #turkmenoglan #turkmengyzy #turkmentalyp #bizturkmen

Bu sapaklar Ýaponiýanyň hökümeti tarapyndan maliýeleşdirilýän, Turkmenistanyň zähment we ilaty durmuş taýdan goramak Ministirligi we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy bilen hyzmatdaşlykda BMG ÖMS-y tarapyndan ýerine ýetirilýän Ýaşlar taslamasynyň çäklerinde işlenilip düzüldi.